***Türkmenistanda «Hünär boýunça daşary ýurt dillerini okatmakda dünýä tejribesini ulanmak» atly ýokary okuw mekdepleriniň arasyndaky ylmy-usulyýet onlaýn-seminary geçirildi. Çäräni Türkmenistanyň Döwlet Energetika institutу gurady.***

Seminaryň mowzuklary «Hünär boýunça iňlis dilini öwrenmekde elektron sözlükleriň ulanylyş aýratynlyklary», «Lukmançylyk ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna daşary ýurt dillerini okatmagyň innowasion usullary», «Transport hojalygynda inžener kadrlaryny taýýarlamakda daşary ýurt dilleriniň roly», «Kiberhowpsuzlygy dolandyrmakda daşary ýurt dillerini okatmak», «Hünär terminologiýasyny öwretmekde Tandem usulynyň ähmiýeti» boldy.

Gatnaşyjylar talyplary okatmagyň täsirli usullary bilen paýlaşdylar, olaryň okuw prosesinde ulanylyş aýratynlyklaryny ara alyp maslahatlaşdylar, innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmagyň mümkinçiliklerini we dil taýýarlygynyň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen esasy ugurlary gözden geçirdiler.

Все права защищены